# Günäsiz gyzjagaz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Günäsiz gyzjagaz GÜNÄSIZ GYZJAGAZ




*Liwanyň köçeleriniň biri okkupantlar tarapyndan bombalanan wagty goşa garaçygyndan mahrum bolan arap gyzjagazy Mawiýa bilen söhbet*

– Aýtsana, jigim, näm üçin Feýruz
Öňküleri ýaly aýdym aýdanok?
– Feýruzyny diňläp bilenok Beýrut,
Onuň sesin bogýar şuwlap gaýdan ok.

– Uýajygym, köp külpetli külbede,
Dynman aglaýar-la gyzlar, ejeler?!
– Feýruzyň sesini bogýan gülleden
Ölýär bärde ulular hem kiçiler.

– Aýtsana mähribanym, Mawiýa,
Gözjagazlaň garadymy, mawy ýa?
– Mawudy ol, asman ýaly mawudy…
Görüpdim, ölensoň, zaryn ses bile
Ýapypdylar ejem janyň üstüne,
Meň gözüm dek mawudy.
Ol juda juwandy, ýokdy keseli,
Onuň ömrün kesdi şuwlap gelen ok.
– Aýt, jigim, näm üçin atdylar seni?
– Bilemok. Goşgular